# «Akylyňa akyl goşmaz şekiliň…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Akylyňa akyl goşmaz şekiliň…" “AKYLYŇA AKYL GOŞMAZ ŞEKILIŇ…”



Garynjanyň üýşmegini ýatladyp,
Ýüzüňi örtüpdir gara sakgalyň.
Betnyşan keşbiňi görüp diýdim men:
– Oglumysyň, eýsem, Maýmyn akganyň?!
Hudaýhonlygyňy aňlatmaz sakal,
Akylyňa akyl goşmaz, elbetde.
Eý, Hudaý bendesi, bolma bendisi,
Bilýän bolsaň, sakallydyr erbet-de!

Aladaň gerekdir töwerek hakda,

Arman, bar-da bähbit guly lakamyň.
Tutajak ýalysyň, tutabilmersiň,
Muňa mysal ömri soltan, hakanyň…

Towuk çokan garpyz paçak mysaly,
Ýüzüň ýapyp bilmez gara sakalyň.
Ezýaka geý, selle ora başyňa,
Akylyňa akyl goşmaz şekiliň…

13.09.2024.

Surat: «Arçaly adam» çeper filminden Goşgular